# Näme sen eý söýgi, kim sen aslynda?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Näme sen eý söýgi, kim sen aslynda? NÄME SEN EÝ SÖÝGI, KIM SEN ASLYNDA?



Kim sen?
Name sen?
Erkimi elimden alaryñ ýaly.
Milyon-milyon düýşleñ üstinden aşyp,

Hyyalymda yanyña bararym yaly?
Kim sen?
Name sen
Wysalmyñ ýa her adamy bagtly edýän.
Ilki duşuşygy, ýagýan ýagyşy,
Şol köneje duralgamyz ýatladýan?

Şemalmyñ sen, dañdan saba-säherde,
Ýüzüme şatlygyñ nuruny çaýýan.
Kuýaşmyñ asmanda ala baharda,
Ýyly mahriñ bilen kalbymy çoýýan.

Dilegmiñ sen arzuwlarma garylyp,
Umytsyz göwnimi ak bagta eltýän.
Ýyldyzmyñ gijeler asmanda parlap,
Gündizler armanly ahmyrly ýitýän?

Kim sen?
Näme sen?
Gözyaşmyñ sen kirpiklermiñ astynda?
Wysalymyñ yýetilmedik arzuwyñ,
Name sen, ey soygi, kim sen aslynda??

Perman HALGYLYJOW. Goşgular